**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2025-nji ýylyň 29-njy iýulyndaky**
**№ 47-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 65 – suw (ulag) «Suw ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 65 – suw (ulag) «Suw ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat» (çärýeklik) forma boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugy we gullugyň kärhanalary düzýär. Hasabat formanyň salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenilen möhletlerde iberilýär.

## 1 BÖLÜM.
## SUW ULAGLARY BILEN ÝERINE ÝETIRILEN HYZMATLAR

01-nji setirde deňiz ulag gämileri bilen ýolagçylaryň gatnadylany - görkezilýär, ol bolsa ähli gatnawlarda ugradylan ýolagçylaryň sanynyň jemlenmegi bilen kesgitlenýär.

Halkara gatnawyndaky ýolagçylaryň sany – daşary ýurda iberilen, daşary ýurtdan gelen we daşary ýurt portlarynyň arasynda gatnadylan ýolagçylaryň sanyndan 02-nji setirde hasaba alynýar.

03-nji setirde ulag gämileri bilen kabotaž suw ulagynda ýolagçylary gatnatmak boýunça görkezijiler görkezilýär.

04-nji setirde port ulag gämileri bilen kabotaž suw ulagynda ýolagçylary gatnatmak boýunça görkezijiler görkezilýär.

06-njy setirde her gatnaw boýunça gatnadylan ýolagçylaryň sanyny degişli aralyga köpeltmek bilen kesgitlenýän ulag we port gämileriniň ýolagçy dolanyşygy görkezilýär.

Ýolagçy dolanyşygy gatnawyň görnüşleri boýunça 07-nji, 08-nji, 09-njy setirlerde görkezilýär.

Deňiz we derýa ulag we port gämileri bilen ähli gatnawlarda daşalan ýükleriň möçberi (11 setir) deňiz we derýa gämi gatnawy kärhanalary tarapyndan gatnawyň ähli görnüşlerinde özleriniň, şeýle hem beýleki gämi eýelerinden kärendesine alnan ähli deňiz we derýa gämileri bilen ugradylan ýükleriň möçberi bilen kesgitlenilýär.

Deňiz ulaglarynda ýükleriň daşalyşynyň hasaba alnyşy gatnawyň görnüşleri boýunça amala aşyrylýar we 13-nji, 16-nji, 17-nji setirlerde görkezilýär.

Derýa ulaglarynda ýükleriň daşalyşynyň hasaba alnyşy 18-nji setirde görkezilýär.

Ulag we port gämilerinde ýük dolanyşygy (19 setir) gämi gatnawy kärhanalaryň öz gämilerinde we beýleki gämi eýelerinden kärendesine alnan gämilerde daşalan ýükleriň tonnalardaky agramyny ugradylýan porty bilen barmaly portunyň arasyndaky, aralykdaky portlara girmegini hasaba almak bilen, iň golaý gämi ýüzüş aralyga, ýa-da maslahat berlen ugur boýunça mildäki (bir deňiz mili 1,852 km deň bolup durýar) aralyga köpeldilmeginiň jemi görnüşinde kesgitlenýär.

Deňiz ulag gämileriniň ýük dolanyşygy 20-nji setirde, gatnawlaryň görnüşleri boýunça ýük dolanyşygy 21-nji, 22-nji, 23-nji setirlerde görkezilýär.

Derýa ulag gämileriniň ýük dolanyşygy 24-nji setirde görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## MALIÝE GÖRKEZIJILERI

2-nji bölümiň 01-nji setirinde suw ulaglarynyň işleriniň ähli görnüşleri boýunça alnan girdejileriň hemmesi görkezilýär hem-de 02-nji, 07-nji, 14-nji we 15-nji setirleriň jemi bilen kesgitlenýär.

02-nji setirde gatnawlaryň (ýüzüşleriň) ähli görnüşleri boýunça deňiz ulag gämileri bilen ýolagçy gatnatmakdan alnan girdejiler görkezilýär. 03, 04, 05-nji setirlerde gatnawlaryň (ýüzüşleriň) görnüşleri boýunça ýolagçy gatnatmakdan alnan girdejiler görkezilýär.

Ýolagçylary halkara gatnawlarda gatnatmakdan alnan girdejiler (03setir) Türkmenistan bilen GDA-nyň düzümine girýän döwletleriň arasynda hem-de Türkmenistan bilen dünýäniň beýleki ýurtlarynyň arasynda ýolagçylary gatnatmakdan alnan girdejileriň jemi bilen kesgitlenýär.

06-njy setirde port gämileriniň şäher ýaka we ýerli gatnawlarda ýolagçylary gatnatmakdan alnan girdejiler görkezilýär.

Bölümiň 07-nji setirinde gatnawlaryň ähli görnüşleri boýunça suw ulag gämileri bilen ýük daşamakdan alnan girdejiler (08, 12 we 13 setirler) görkezilýär.

Ýükleri halkara gatnawlarda daşamakdan alnan girdejiler (10 setir) Türkmenistan bilen GDA-nyň düzümine girýän döwletleriň arasynda hem-de Türkmenistan bilen dünýäniň beýleki ýurtlarynyň arasynda ýükleri daşamakdan alnan girdejileriň jemi bilen kesgitlenýär.

12-nji setirde ýük ýükleme we düşürme işlerinden alnan girdejiler görkezilýär.

13-nji setirde derýa ulagy bilen ýük daşamakdan alnan girdejiler görkezilýär.

14-nji setirde beýleki ulag işinden alnan girdejiler görkezilýär.

15-nji setirde işleriň başga görnüşlerinden alnan girdejiler görkezilýär.

16-njy setirde ýolagçylary gatnatmakdan we ýükleri daşamakdan alnan walýuta girdejileriň jeminden emele gelýän walýuta girdejisi ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär.

19-njy setirde işleriň ähli görnüşlerine edilen çykdajylar görkezilýär.

19-njy setirden ýolagçylary gatnatmaklyga edilen çykdajylar (20 setir) we ýükleri daşamaklyga edilen çykdajylar (21 setir) aýratyn bölünip görkezilýär.

21-nji setirde ýolagçylary gatnatmakdan we ýükleri daşamakda walýuta çykdajylary ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**